# Sözleriñ manysy we diliñ taryhy

Category: Kitapcy,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Sözleriñ manysy we diliñ taryhy SÖZLERIŇ MANYSY WE DILIŇ TARYHY

Häzir bäş müňýyllyk taryhy bolan halkymyzyň milli mirasyny, gadymy ýadygärliklerini, edebiýatyny, baý we şirin dilini öwrenmäge ähli mümkinçilikler bar.
Esasy hem taryhy-medeni ýadygärliklerimizi aýawly saklamak, dilimizi, edebiýatymyzy ösdürmek we geljek nesillere öwretmek işleri uly rowaçlyga eýe bolýar. Munuň özi ýaş nesillerimizi milli mirasymyza wepalylyk ruhunda terbiýelemäge özboluşly täsir edýär.
Ata-babalarymyzdan miras galan milli ýörelgelerimizi, däp-dessurlarymyzy, ruhy we medeni gymmatlyklarymyzy, olaryň aslyny düzýän söz mirasymyzy halkara derejesine götermekde, aýawly gorap saklamakda ägirt uly işler durmuşa geçirilýär.
Pähimdar pederlerimiz ýerden hasyl almagyň, bere- ketli topraga ideg etmegiň inçe syrlaryny bilipdirler.
Ata-babalarymyzyň uç-gyraksyz ymgyr sähralarda, dag-derelerde, deňiz-derýalaryň kenarlarynda ekologik taýdan arassa oba hojalygyny: daýhançylygy, maldarçylygy, senetçiligi, halyçylygy sungat derejesinde alyp barmagyň inçe syrlaryny nesillerden-nesillere miras galdyrypdyrlar. Olara degişli sözleri, adalgalary, tymsallary döredipdirler. Olaryň agramly bölegi çeper şahyrana setirlerde, irki döwür ýazuw ýadygärliklerinde, syýahatçylaryň, alymlaryň kitaplarynda öz beýanyny tapypdyr.
Şeýle hem oba hojalygyna, onuň leksikasyna degişli sözler, yrym-ynançlar ýurdumyzyň dürli künjeklerinden toplanyldy, oňa degişli mysallar ýazylyş aýratynlygyna görä öwrenildi. Çünki bu sözler ýerli gepleşiklerde hem öz beýanyny tapypdyr.
Şonuň üçin işimiziň tematik toparlarynda şol sözüň semantik

aýratynlygyny hasaba almaly boldy. Ol sözler – adalgalar öz gezeginde, etimologik derňewler geçirilende hem zerur maglumatlar bolmak bilen, yzygider gaýtalanýar. Garyndaş, kowumdaş sözüň aslyny dikeltmek maksady bilen, kowumdaş dilleriň nusgalary hem oňyn taryhy maglumatlara daýanylanda gowy netije berjekdigini degşirme sözlükleriň mysalynda görmek bolýar.

Şonuň üçin hem bu ugra degişli birnäçe sözler we söz düzümleri emele gelipdir. Oba hojalyk leksikasyna de- gişli bolan şol sözler dilimiziň baýlygynyň bir ülşi bolup, bu leksikany öwrenmek, many-mazmunyny özleşdirmek esasy wezipeleriň biri bolup durýar.

Türkmen dilinde ulanylýan **azal, boýuntyryk, ýylu, jykyr, taraz, ýerdemir, sardoba, söw, çüte, ýahdan…** ýaly ýüzlerçe sözler edebi dilden düşüp barýar. Maddy miras ruhy mirasa geçýär. Her sözde halkyň taryhy, onuň milli ruhy saklanyp galýar. Köp dürli sözler olara degişli gurallaryň köpdürliligidir. Çünki aýry-aýry giňişliklerde ýerleşýän türkmenleriň hojalyk we tebigy şertleriniň birmeňzeş bolmaýşy ýaly, şol gurallar we olary işletmegiň görnüşleri, düşündirilişi, usullary barada döredilen sözler hem dürli-dürlüdir. Şeýle sözleriň öwrenilmegi bolsa türkmen halkynyň geçmişdäki hojalyk şertlerine, maddy medeniýetine doly göz ýetirmäge kömek eder. Şeýle-de, ol sözler türkmen diliniň taryhy üçin uly goşant bolmak bilen, onuň leksikasyny baýlaşdyrýar.

Daýhançylyk yrym-ynançlary, däp-dessurlary edebi mirasymyzyň taryhy çeşmeleridir. Şöhratly taryhymyz, dana pelsepämiz, gadymy hem şirin zybanymyz, nusgalyk däp-dessurlarymyz, nepis şaý-seplerimiz, äleme ýaň salýan maddy-ruhy gymmatlyklarymyzdyr. Bu milli gymmatlyklar halkymyzyň geçen şöhratly ýollaryndan habar berýär.

Geçmişde türkmen halkynyň eklenjiniň esasy çeşmeleri ekerançylyk, maldarçylyk, senetçilik bolupdyr. Bu kärleri, olary ýöretmegiň usullaryny we oňa degişli leksikany bir nesil ikinji nesle, üçünjä, dördünjä… galdyryp gelipdir. Bu kärleri ýöretmegiň usullaryny her nesil özüçe kämilleşdiripdir, olary

ýöretmegiň täze usullaryny oýlap tapypdyr. Şular ýaly öňden ulanylyp gelinýän adalgalar öňden ulanylyp gelýän sözleriň üstüni dolldurypdyr, hojalygyň dürli pudaklaryna degişli öňden kesp-hünär leksikasy ösüp ýetişipdir, her bir ugur bilen meşgullanýanlaryň dilinde öz meşgullanýan ugurlaryna degişli söz, söz düzümleri we baý terminologiýasy kemala gelipdir.

Myrat PENJIÝEW,
filologiýa ylymlarynyň doktory. Türkmen dili